Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň
2024-nji ýylyň fewral aýynyň «12»
№ 3M-Ç belgili buýrugyna
1-nji goşundy

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky ýörite sazçylyk we orta hünär sungat mekdeplerinde bilm alýan zehinli ýaş ýerine ýetirijileriň arasynda geçirilýän bäsleşiginiň DÜZGÜNNAMASY**

## I. Bäsleşigiň maksady.

Bäsleşik Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyşy döwründe Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ylymly-bilimli, kämil hünärli, watansöýüji, maksadaokgunly we zehinli ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek, olaryň geljekde öz hünärinden baş çykarýan kämil ýerine ýetirijiler we başarjaň hünärmenler bolup ýetişmeklerini üpjün etmek, şeýle-de ýaşlaryň zehin-başarnyklaryny açyp görkezmek, sungatyň dürli ugurlaryndan ökde bagşy-sazandalaryň kämil ýerine ýetirijilik derejesini ýokarlandyrmak hem-de has tapawutly ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen geçirilýär.

## II. Bäsleşigiň şertleri we geçiş tertibi.

1. Ýörite sazçylyk we orta hünär sungat mekdeplerinde bilm alýan zehinli ýaş ýerine ýetirijileriň arasynda geçirilýän bäsleşigiň (mundan beýläk - bäsleşik) Düzgünnamasy (mundan beýläk – Düzgünnama) bäsleşigi geçirmegiň tertibini, şertlerini we düzgünlerini kesgitleýär.

2. Bäsleşige Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky ýörite sazçylyk we sungat orta hünär okuw mekdepleriniň 1–3-nji ýyl talyplary, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň 10-11-nji synp okuwçylary gatnaşyp bilerler.

3. Bäsleşik aşakdaky ugurlar boýunça geçiriler:

- **Türkmen milli saz gurallary:** *dutar, gyjak.*
- **Üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary:** *fleýta, goboý, klarnet, truba.*
- **Kirişli saz gurallary:** *skripka, alt, wiolonçel.*
- **Ýekelikde aýdym aýtmak.**
- **Fortepiano.**
- **Bagşy.**

4. Bäsleşigiň I tapgyry degişlilikde welaýatlarda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde ýerleşýän ýörite sazçylyk we sungat orta hünär okuw mekdeplerinde 2024-nji ýylyň 25-nji apreline çenli geçirilýär. I tapgyrda geçirilen bäsleşigiň her ugry boýunça 1–2-nji orna mynasyp bolanlar jemleýji tapgyra gatnaşmaga hukuk gazanarlar.

5. Bäsleşigiň II tapgyry 2024-nji ýylyň 4-nji maýynda, sagat 09.00-da:

- **Türkmen milli saz gurallary we bagşy hünärleri boýunça** – Sahy Jepbarow adyndaky Arkadag şäher ýörite sungat mekdebinde;
- **Fortepiano we kirişli saz gurallary boýunça** – Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynda;
- **Üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary hem-de ýekelikde aýdym aýtmak sungaty boýunça** – D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde geçiriler.

6. Bäsleşigiň I tapgyrda ýeňiji bolanlaryň resminamalary 2024-nji ýylyň 8-nji apreline çenli Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Okuw mekdepleri, muzeýler we kitaphanalar bölüminde kabul edilýär:

- Degişli okuw mekdebiniň ýollama haty;
- Degişli okuw mekdebi boýunça I tapgyrda ýeňiji bolanlaryň sanawy;
- Bäsleşige gatnaşyjy barada maglumat (düzgünnama goşulan nusga boýunça).
- Bäsleşige gatnaşyjynyň I tapgyrda ýerine ýetiren hem-de II tapgyrda ýerine ýetirjek eserleriniň tertipnamasy (düzgünnama goşulan nusga boýunça).

7. Bäsleşige gatnaşyjylar konsertmeýster bilen üpjün edilmeýär. I tapgyrda ýerine ýetirilen eser II tapgyrda gaýtalanmaly däldir.

## III. Bäsleşigiň jemini jemlemek we ýeňijileri sylaglamak.

1. Bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy we jemleýji konsert 2024-nji ýylyň 4-nji maýynda Sahy Jepbarow adyndaky Arkadag şäher ýörite sungat mekdebinde geçiriler.

2. Bäsleşigiň II tapgyrynyň eminler topary halypa mugallymlardan ybarat bolup, olar her ugur boýunça aýratynlykda düzüler. Bäsleşigiň I tapgyrynyň Eminler topary degişli okuw mekdebiň buýrugy bilen tassyklanýar.

3. Bäsleşigiň eminler topary tarapyndan her ugur boýunça I, II we III orunlar kesgitlener. Eminleriň teklibine görä orunlaryň sany üýtgedilip bilner. Şeýle-de, bäsleşigiň her ugry boýunça tapawutlanan gatnaşyjylar hormat haty bilen sylaglanar.

4. Eminler topary mynasyp hasap etmedik ýagdaýynda ýerler berilmän hem bilner. Eminleriň çykaran netijeleri gutarnykly bolup, gaýtadan seredilmeýär.

## IV. Bäsleşigiň ugurlary boýunça talaplar.

<table>
<tr><th colspan="3">TÜRKMEN MILLI SAZ GURALLARY</th></tr>
<tr><td rowspan="2">Dutar, gyjak</td><td>I tapgyr</td><td>1. Akkompanementli bir eser.<br>2. Türkmen halk sazy</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>1. Akkompanementli uly göwrümli eser.<br>2. Uly göwrümli türkmen halk sazy.</td></tr>
<tr><th colspan="3">BAGŞYCYLYK SUNGATY</th></tr>
<tr><td colspan="2">I tapgyr</td><td>1. Mukamçy kompozitoryň eseri.<br>2. Türkmen halk aýdymy.</td></tr>
<tr><td colspan="2">II tapgyr</td><td>1. Magtymguly Pyragynyň sözlerine bir eser.<br>2. Çeküwli türkmen halk aýdymy (dessandan bir parça bolup biler)</td></tr>
<tr><th colspan="3">ÜFLENIP WE KAKYLYP ÇALYNÝAN SAZ GURALLARY</th></tr>
<tr><td rowspan="2">Fleýta, goboý, klarnet, truba, ksilofon</td><td>I tapgyr</td><td>1. Iki sany dürli häsiýetli eser</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>1. Türkmen kompozitoryň eseri.<br>2. Wirtuoz häsiýetli pýesa.</td></tr>
<tr><th colspan="3">KIRIŞLI SAZ GURALLARY</th></tr>
<tr><td rowspan="2">Skripka, alt, wiolonçel</td><td>I tapgyr</td><td>1. Wirtuoz häsiýetli eser.<br>2. Kantilena häsiýetli eser.</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>1. Polifoniýa. I.S.Bahyň sonatalaryndan ýa-da partitalaryndan (alt, wiolonçel üçin I.S.Bahyň sýuitalary) I ýa-da II bölüm.<br>2. Türkmen kompozitoryň eseri.<br>3. Uly göwrümli eser (I ýa-da II, III bölümler).</td></tr>
<tr><th colspan="3">FORTEPIANO</th></tr>
<tr><td colspan="2">I tapgyr</td><td>1. I.S.Bah. “Gowy temperirlenen klawir” (XTK) I, II, tomlaryndan 1 sany prelýudiýa we fuga.<br>2. Wirtuoz häsiýetli bir etýud. (F.Şopen, F.List, K.Debýussi, S.Rahmaninow, A.Skrýabin we ş.m).</td></tr>
<tr><td colspan="2">II tapgyr</td><td>1. XIX-XX asyr daşary ýurt kompozitorlaryň uly göwrümli wirtuoz häsiýetli eseri ýa-da sonatanyň bir bölümi (bir bölümli sonata hem bolup biler)<br>2. Türkmen kompozitorlarynyň eseri.</td></tr>
<tr><th colspan="3">ÝEKELIKDE AÝDYM AÝTMAK</th></tr>
<tr><td colspan="2">I tapgyr</td><td>1. Türkmen kompozitorlarynyň bir ariýasy.<br>2. N.Halmämmedowyň bir romansy.</td></tr>
<tr><td colspan="2">II tapgyr</td><td>1. Täzeden işlenen türkmen halk aýdymy.<br>2. Daşary ýurt kompozitoryň bir ariýasy.</td></tr>
</table>

**Ýörite sazçylyk we orta hünär sungat mekdeplerinde bilm alýan zehinli ýaş ýerine ýetirijileriň arasynda geçirilýän bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna gatnaşyjy barada**

# MAGLUMAT

Familiýasy, ady, atasynyň ady:

___

Doglan ýeri we senesi (güni, aýy, ýyly):

___

Okaýan ýörite sazçylyk ýa-da sungat orta hünär okuw mekdebi:

___

Bäsleşikde gatnaşýan ugry:___

Hünär mugallymy: ___

Ozal bäsleşiklere gatnaşan bolsa gazanan üstünlikleri:

___

___

## BÄSLEŞIGE HÖDÜRLEÝÄN ESERLERINIŇ TERTIPNAMASY:

| I tapgyrda ýerine ýetiren eserleri | | |
|---|---|---|
| 1. | «» **Eseriň ady** (doly ýazmaly) | **Eseriň awtory** |
| 2. | «» | |

| II tapgyrda ýerine ýetirmek üçin hödürleýän eserleri | | |
|---|---|---|
| 1. | «» | |
| 2. | «» | |